# Wagt geçsin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Wagt geçsin WAGT GEÇSIN

Wagt geçýär, oňa asla dynmak ýok,
Goýnundan getirip täze günleri.
Wagt geçsin, wah, geçmese näderdik,
Görmezdik, aglansoň gülen gözleri.

Bilmezdik, bu ömrüň süýji-ajysyn,
Süÿji duýgulardan mahrum galardyk.
Ýamanlykdan päkläp ynsan kalbyny.
Wagt geçsin, wah, geçmese näderdik.

■ SÖŸÜP, BAGTLY ÝAŞAÝLYÑ.

Täze Gün deÿ dogup durar duýgular,
Açyp göwündäki syrly sandygy.
Şeýder-de dep bolar gussa gaýgylar,
Päklik bilen söýeris bu barlygy.

Zemin bilen deň aýlanyp ýaşalyň
Onda ak-garany saýgaraly biz.
Geliň, şu gün täze ýola başlalyň
Garaňky ýollardan sowulyp hergiz.

Söýüp, bagta sary yöräýli ÿene,
Undup geçenleriň ahy nalasyn.
Älemiň bezegi tylla Güneş deý,
Nur içre ýaşadyň ynsan balasyn.

Goý, hemmeler bagtdan ýaňa aglasyn,
Birjik şübhe etmän öz ykbalyndan.
Asmanymyz ýagty ýeriň üstünde,
Geçmek nesip etsin bagtyň ýolundan.

Isa HOJAMERDANOW. Goşgular